# Ömür

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ömür Berdinazar HUDAÝNAZAROW

▶ ÖMÜR

Ýazyň gülälegi, gyşyň gary bar
Kanunyňa kaýyldyryn Biribar.
Balkyldan gözleri basmarlap gubar
Howurly gujaklar sowady gitdi.

Kellesi dumanly, ýüregi otly,
Aýagy ýelgamak, bili kuwwatly,
Bakydyr öýdülen
ýigitlik atly
Gül ömrüň eçilen sowgady gitdi.

Göwnümize entek-entek jahylkak,
Söýgi hakda ýazyp ýören şahyrkak,
Süýşüp gelýän garrylykdan gapylkak
Saç agardy, soňra sabady gitdi.

Gylaw kem-kem gaçdy. Galdy hakyda
Geçirim ýok beýle zabun hökümde.
Göwün guşum o gün heňňam hakynda
Bir gamgyn äheňde saýrady gitdi…

Ykbaldan razy, günümden hoş-la,
Gymyldapjyk ýörsek içerde – daş-da.
Kän arzuw galmady saglykdan başga,
Hum kelle-de hyýal gowzady gitdi. Goşgular